***Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz tarapyndan tassyklanylan «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmegiň pedagogik we usuly wezipelerini durmuşa geçirmek barha işjeňleşýär.***

Ýeri gelende bellesek, bu resminamadan ugur alnyp, mekdebe çenli çagalar edaralarynda okuw maksatnamasy esasynda geçilýän sapaklaryň hem okadylmagy kämilleşdirilýär. Sapaklaryň okadylyşynyň kämilligini gazanmakda bolsa terbiýeçileriň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagy, iş tejribesiniň artdyrylmagy we usuly taýýarlyklarynyň kämilleşdirilmegi hem möhüm bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, biz hem öz üstümizde yzygiderli işlemek bilen, usuly taýýarlygymyzy we tejribämizi artdyrmaga çalyşýarys.

Çünki bu Konsepsiýada Mekdebe çenli bilim maksatnamasy boýunça çagalaryň umumy hereketiniň, duýgularynyň, sosial-emosional, ownuk hereketleriniň, medeni we arassaçylyk endikleriniň sazlaşykly ösüşini gazanmak maksady bilen,terbiýe we bilim bermek işine iň öňdebaryjy innowasion çemeleşmeleri giňden ornaşdyrmak, ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlaryna esaslanyp, okuw sapaklaryny dünýä iş tejribesine laýyklykda guramak dowam etdirmek ýaly wezipeler hem göz öňünde tutulýar. Şu nukdaýnazardan hem çagalaryň ählitaraplaýyn sazlaşykly ösüşini gazanmak we olary mekdebe taýýarlamak ugrunda meýilnamalaýyn işleri üstünlikli durmuşa geçirmäge çalyşýarys.

Biz hem geçýän sapaklarymyzda gün pursatlarynda sanlylaşdyrylan serişdelerden we dünýä tejribesiniň soňky gazananlaryndan netijeli peýdalanyp çagalara sowat öwretmekde, milli we döwrebap ruhda terbiýelemekde okuw-terbiýeçilik işlerini sazlaşykly guraýarys. Bu ugurda çagalar bakja-bagymyzda geçirilýän usuly sagatlarda hem täze çemeleşmeler, usulyýetiň täze gazananlary bilen tanşyp, sapaklarymyzda öwrenenlerimizi özleşdirýäris.

**Merjen PÄLWANOWA,**
**Wekilbazar etrabyndaky 8-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi we iňlis dili mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026